Topragyň himiki häsiýetleri –Meýdan çäresi C01b

# INDIKATOR ZOLAJYKLARYŇ KÖMEGI BILEN TOPRAGYŇ pH-sini KESGITLEMEK

*Maglumat posterleri 12a -12b-12c*

## DERWAÝYSLYGY

Topragyň pH-si toprakda iýmitlendiriji maddalaryň barlygyny düzgünleşdirmekde we beýleki proseslerde möhüm orun eýeleýän, topraklaryň himiki özboluşly aýratynlyklarynyň biri bolup durýar. Aýry-aýry iýmitlendiriji maddalar topragyň pH-siniň kesgitli derejelerinde ösümlikler tarapynda siňdirilmek üçin elýeterlidir, şunuň bilen baglylykda, dürli ekinler pH-niň dürli görkezijilerinde ösüp ýetişýärler. Oba hojalyk ekinleriniň köp bölegi üçin pH-niň 5,5 – 7,5 çäklerdäki görkezijileriniň diapazonlary laýyk gelýärler, sebäbi olar iýmitlendiriji maddalaryň uly dürlüligini saklamaga ukyplydyrlar. pH-niň 7-den az görkezijilerinde toprak kislotaly, pH-niň 7-den köp görkezijilerinde aşgarly bolýar. pH baha bermek üçin birnäçe usullar bardyr, bu halatda biz pH-ni kesgitlemek üçin test-zolaklary ulanylýan usula serederis.

## MATERIALLAR



Lakmus kagyzy



Paletka



Şpatel



Suw

## PROSEDURA

1) Ştapel bilen guradylan topragyň nusgalyklaryny ýygnamaly, olary köklerden we ösümlik zibillerinden arassalamaly we surat çekmek üçin paletka goýmaly.



2) Suwuň hem-de topragyň şol möçberini sykylýan çüýşäni ulanyp, goşmaly we ergini garmaly..



3) Kagyz zolajygynyň ujuny toprak erginine batyrmaly we alnan reňki reňk şkalasynda getirilen şkala bilen deňeşdirmeli. Alnan gabat gelme topragyň pH-niň bahasyny berer.



pH= 5-6



pH= 7-8

| | |
|---|---|
| USULYŇ ARTYKMAÇLYKLARY | Meýdan şertlerinde kesgitlemegiň çaltlygy we ýönekeýligi. Gysga wagtyň dowamynda topraklaryň dürli görnüşlerini deňeşdirmek mümkin |
| USULYŇ KEMÇILIKLERI | Ýakynlaşdyrylan netijeler. Eger pH-niň takyk derejesi zerur bolsa laýyk gelmeýär |
| SERETMÄGE DEGIŞLI SORAGLAR | Öwrenilýän topragyň pH bahasy nähili? - Ol örän pesmi ýa-da örän ýokarymy? Ekinler üçin netijesi nähili? Topragyň pH-sini gowulandyrmagyň usuly barmy? Iýmitlendiriji maddalaryň bolmagyndan başga haýsy häsiýetlerine pH täsir edip biler? |

| SELJERMÄNIŇ MYSALLARY (ekinleriň anyk talaplaryna baglylykda) | | |
|---|---|---|
| PES | ORTA | OŇAT |
| pH-niň bahasy 4-den pes ýa-da 8-den ýokary. Örän kislotaly ýa-da örän aşgarly toprak. | pH-niň bahasy 5,5-den pes ýa-da 7-den ýokary. Gowşak kislotaly ýa-da gowşak aşgarly toprak. | pH 5,5-den 7-ä çenli aralykda. Bitarap toprak. |

[1] https://www.fao.org/documents/card/en/c/ca2796en p40